# ÇÖLLEŞMÄGE GARŞY GÖREŞ BOÝUNÇA KONWENSIÝA

Birleşen Milletler Guramasynyň Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýasy 1994-nji ýylda kabul edildi we 1996-njy ýylda güýje girdi. Türkmenistan ilkinji döwletleriň biri bolup, 1995-nji ýylyň 27-nji martynda Konwensiýa gol çekdi. Türkmenistanyň Mejlisi Konwensiýany 1996-njy ýylyň 18-nji sentýabrynda tassyklady.

## TARYHY:

1992-nji ýylda Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen Daşky gurşaw we ösüş boýunça halkara maslahat ösüp barýan ýurtlaryň Çölleşmage garsy göreş boýunça halkara konwensiýasyny taýýarlamagyň zerurlygy hakyndaky teklibini kabul etdi. 1992-nji ýylyň dekabrynda, BMG-niň Baş Assambleýasy Konwensiýany işläp düzmek barada gepleşikleri geçirmek üçin, merkezi Ženewada ýerleşýän Hökümetara komiteti döretdi. 1994-nji ýylyň 17-nji iyunynda Konwensiýa kabul edildi we oňa gol çekmek dabarasy açyldy. 17-nji iýun Çölleşmage garsy göreşiň halkara güni diýlip yglan edildi. Konwensiýany ilkinji 50 sany döwlet (şol sanda Türkmenistan) gol çekip tassyklanyndan soň, Konwensiýa 1996-njy ýylyň 26-njy dekabrynda güýje girdi.

## ESASY MAKSADY:

Konwensiýanyň esasy maksady — adamyň hojalyk işi netijesinde döreýän çölleşme hadysasynyň önüni almak hem ony togtatmak we amala aşyrylyp bilinjek ýerlerde ekologik mümkinçilikleriň çäklerinde zaýalanan ýerleriň biologik önümliligini dikeltmekdir.

## KONWENSIÝANY TASSYKLAN DÖWLETLERIŇ BORÇNAMALARY:

Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýa gol çeken taraplar – ýurtlar Konwensiýanyň 4-nji we 5-nji maddalaryna laýyklykda milli

we sebit derejesinde aşakdakylary ýerine ýetirmek babatda borçlanýarlar:

- Çölleşmäge garşy göreş hereketleriniň milli maksatnamasyny işläp taýýarlamak;
- Çölleşmek hadysalaryna gözegçiligiň (monitoringiň), barlagyň we çaklamanyň milli ulgamyny döretmek;
- Ýer, suw, tokaý we öri meýdan baýlyklaryndan rejeli peýdalanmak hem-de biologik dürlüligi aýap saklamak;
- Tebigaty goramak hakyndaky kanunçylygy kämilleşdirmek;
- Ekologiýa babatda bilim bermek we ilaty, aýratyn hem oba ilatyny çölleşmäge garşy göreş hereketlerine çekmek;
- Ylmy-barlag işleriniň netijelerini önümçilige ornaşdyrmak;
- Halkara we sebitleýin hyzmatdaşlygy ösdürmek.